## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:

**— Ýurdumyzda durmuşa geçirilýän iri taslamalar, ulanmaga berilýän, gurluşygy alnyp barylýan desgalar milli ykdysadyýetimizi pugtalandyrmaga, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagyny üpjün etmäge gönükdirilendir.**


# NESIL

IL-HALKYŇ BIR IŞ TUTSA, SEN ONDAN GALYJY BOLMA!

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

№32 (5015), 2025-nji ÝYLYŇ 22-nji APRELI, SIŞENBE




# DURMUŞ-YKDYSADY ÖZGERTMELER ROWAÇLANÝAR

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan durmuş ugurly syýasat üstünliklere beslenýär. 18-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sanly ulgam arkaly geçiren Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisi halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmagy nazarlaýan özgertmeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrmaga, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy giňeltmäge gönükdirilen içeri we daşary syýasatyň oňyn netijelere beslenýändiginiň aýdyň güwäsi boldy. Çünki mejlisde döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredilip, bu babatda Mejlisiň Başlygynyň maglumaty, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň hasabatlary diňlenildi. Döwlet Baştutanymyz milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny netijeli ösdürmek bilen bagly anyk tabşyryklary berdi.*

### Kanunylyk — berkararlygyň binýady

Ýurdumyzyň kanunçylygyny häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek işleri milli parlament tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň 12-nji aprelinde Mejlisiň ýedinji çagyrylyşynyň sekizinji maslahatynyň geçirilendigini bellemek gerek. Onuň dowamynda kazyýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek we ýük markalary hakynda halkara Konwensiýa degişli Teswirnama goşulmak bilen bagly kanunlaryň taslamalaryna garaldy. Şunuň bilen birlikde, jenaýat we jenaýat iş ýörediş kadalaryny döwrebaplaşdyrmak, kazyýetde raýat iş ýörediş düzgünleri amala aşyrylanda, arbitraž, zähmet, maşgala, salgyt bilen baglanyşykly işlere garalanda adalgalaryň ulanylyşynyň birkysmy sazlaşygyny emele getirmek, şeýle hem ýubileý medaly, administratiw önümçilik, awtomobil ulagy, migrasiýa boýunça kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek boýunça kanun taslamalary ara alnyp maslahatlaşyldy we kabul edildi. Şeýle-de maslahatda Türkmenistanda Adam hukuklary boýunça ygtyýarly wekil — Adalatçynyň maglumaty diňlenildi.

### Ykdysady gatnaşyklar berkidilýär

Türkmenistan Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen ýola goýlan gatnaşyklary ösdürmäge aýratyn ähmiýet berýär. Şoňa görä-de, şu ýylyň aprel aýynda Arkadag şäherinde YHG-nyň durnukly ösüş boýunça ministrler derejesindäki birinji forumyny geçirmäge taýýarlyk görülýär. Bu çärä gurama agza ýurtlaryň döwlet edaralarynyň, halkara guramalaryň, Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalaryň hem-de ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylarynyňdyr wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar. Forumyň esasy maksady YHG-nyň sebitinde durnukly ösüş ugrunda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibini amala aşyrmakda hyzmatdaşlygy ilerletmekden ybaratdyr. Çäräniň dowamynda Durnukly ösüş maksatlarynyň wezipelerini çözmegiň ýollaryna garalar, şeýle hem gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek üçin hemmetaraplaýyn we durnukly strategiýalary ara alyp maslahatlaşmak göz öňünde tutulýar. Duşuşygyň netijeleri boýunça Jemleýji resminamany kabul etmek meýilleşdirilýär.

### Önümçilige — döwrebap tehnologiýalar

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» göz öňünde tutulan wezipelere laýyklykda, ýurdumyzyň nebiti gaýtadan işleýän senagatyny ösdürmek we yzygiderli döwrebaplaşdyrmak babatda maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Onuň çäklerinde «Türkmennebit» döwlet konserniniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň suw üpjünçilik desgalaryny we ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça işler durmuşa geçirilýär. Munuň özi senagat-önümçilik desgalarynyň üpjünçilik ulgamlaryny has-da kämilleşdirmäge, döwrebap tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaga gönükdirilen işleri üstünlikli ýerine ýetirmäge, hususan-da, zawodlar toplumynyň önümçiligi üçin suwuň zerur bolan möçberi bilen bökdençsiz üpjün etmäge mümkinçilik berer.

### Daýhandan hereket — ýerden bereket

Ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynda we welaýatlarda möwsümleýin işler talabalaýyk alnyp barylýar. Gowaça ekişini bellenen möhletlerde geçirmek maksady bilen, oba hojalyk tehnikalaryny hem-de gurallary netijeli ulanmak, ekiş geçirilen meýdanlarda gögeriş suwuny tutmak, ilkinji hatarara bejergi işlerini geçirmek boýunça degişli çäreler görülýär. Bugdaý ekilen meýdanlarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda ideg etmek, hususan-da, mineral dökünler bilen iýmitlendirmek, ösüş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Galla kabul ediş kärhanalaryny, elewatorlary, bugdaý ýygýan kombaýnlary galla oragy möwsümine taýýarlamak boýunça degişli işler geçirilýär. Pile öndürijiler tarapyndan ýüpek gurçuklaryna ideg etmek işleri alnyp barylýar. Ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, suwaryş we şor suw akabalaryny arassalamak, suw hojalyk desgalaryny abatlamak babatda degişli işler dowam edýär. Bulardan başga-da, Türkmen bedewiniň milli baýramyna bagyşlanan dabaraly çäreleri guramaçylykly geçirmäge taýýarlyk görülýär.

### Işewür hyzmatdaşlyk ösdürilýär

Şu ýylyň 29-njy apreli — 1-nji maýy aralygynda Söwda-senagat edarasynda «Halkara söwda we hyzmatlar» atly sergi-ýarmarkany hem-de «Türkmenistanda halkara ülňülerine laýyk gelýän hil üpjünçiligi» atly halkara maslahaty geçirmäge taýýarlyk görülýär. Sergä ýurdumyzyň söwda toplumyna degişli hem-de ugurdaş ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň, daşary ýurt kompaniýalarynyň, guramalaryň gatnaşmagy meýilleşdirilýär. Onuň çäklerinde halkara hünärmenleriň gatnaşmagynda eksporty ösdürmek, sanly marketing, sertifikasiýa talaplary ýaly meseleler boýunça maslahat beriş duşuşyklarynyň, işewürlik geňeşmeleriniň geçirilmegi göz öňünde tutulýar. Halkara maslahata gatnaşmak üçin dünýäniň 27 ýurdundan kompaniýalaryň we guramalaryň 63-si hasaba alnyp, häzirki wagtda-da gatnaşmaga isleg bildirýänleri hasaba almak işi dowam edýär.

### Medeniýet halklary ýakynlaşdyrýar

Türkmenistanda Liwiýa Döwletiniň Medeniýet günlerini geçirmäge taýýarlyk görlüp, onuň açylyş dabarasy Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde geçiriler. Bu ýerde arap kalligrafiýasynyň we Liwiýanyň milli lybaslarynyň, kitaplaryň hem-de milli tagamlaryň sergisini guramak, «Adamzadyň medeni ösüşini açyp görkezmekde we arap dilini hem-de yslam magaryfyny baýlaşdyrmakda türkmen alymlarynyň eýeleýän orny» atly maslahaty geçirmek meýilleşdirilýär. Medeniýet günleriniň çäklerinde myhmanlaryň «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumyna, Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýine, Şekillendiriş sungaty muzeýine hem-de paýtagtymyzyň gözel ýerlerine baryp görmekleri göz öňünde tutulýar.

### Ylym — ösüşiň we kämilligiň açary

Ýurdumyzda himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny ösdürmek boýunça netijeli işler dowam etdirilýär. Hususan-da, Ylymlar akademiýasynyň Himiýa institutynyň alymlary tarapyndan «Türkmenistanda himiýa ylmyny we tehnologiýalaryny toplumlaýyn ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» esasynda ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen bilelikde ylmyň gazananlary, täze himiki tehnologiýalar arkaly ekologik taýdan arassa, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmegiň innowasion tehnologiýalaryny işläp düzmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Netijede, öňdebaryjy usullardyr döwrebap tehnologiýalar önümçilige yzygiderli ornaşdyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, degişli ýolbaşça Türkmenistanda ylmy barlaglaryň netijeliligini üpjün etmek boýunça pudagara toparyň mejlisini guramaçylykly geçirmek tabşyryldy.

### Türkmenistan — Ýaponiýa: hoşniýetli hyzmatdaşlygyň täze sahypasy

Mälim bolşy ýaly, döwlet Baştutanymyz 13 — 15-nji aprelde Ýaponiýanyň Osaka we Tokio şäherlerine sapary üstünlikli amala aşyrdy. Saparyň çäklerinde Ýaponiýanyň Imperatory Naruhito, Premýer-ministri Sigeru Isiba, dostlukly ýurduň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşyklar geçirildi. Ikitaraplaýyn resminamalaryň 15-sine gol çekildi, Bilelikdäki metbugat beýanaty kabul edildi. Şeýle hem geçen ýylyň 9-njy awgustynda Astana şäherinde gol çekilen Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky bilen «Nippon» eksport we maýa goýumy ätiýaçlandyryş agentliginiň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ähtnama alşyldy. Bularyň ählisi türkmen-ýapon gatnaşyklarynyň şertnama-hukuk binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam eder. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisinde Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli dabaraly çäreler geçirildi. Bu ählumumy gözden geçirilişde ýurdumyzyň öz Milli gününi ilkinji bolup geçirendigi bellärliklidir. Onuň çäklerinde halkymyzyň taryhy we baý medeni mirasy, ýurdumyzyň häzirki ösüşleri giňden açylyp görkezildi.

### Dünýä giňişligine goşulyşmagyň möhüm ugry

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 — 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyny» netijeli durmuşa geçirmegiň çäklerinde halkara sergi işini ösdürmäge möhüm ähmiýet berlip, ol ýurdumyzyň dünýäniň ykdysady, medeni, maglumatlar giňişligine goşulyşmagynyň möhüm ugrudyr. Şu jähetden, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Halkara sergiler býurosy bilen netijeli hyzmatdaşlygy has-da ilerletmäge gönükdirilen teklipler hödürlenildi:

- Geljek ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda Halkara sergiler býurosy bilen bilelikde oba hojalyk ugry boýunça ýöriteleşdirilen «EKSPO» halkara sergisini geçirmegiň mümkinçiliklerini öwrenmek we bu babatda deslapky taýýarlyk işlerini geçirmek teklip edildi.
- Agzalan sergini Türkmenistanda geçirmek boýunça ýörite gaznany döretmek babatda çäreleri görmek we şunuň bilen baglylykda, iri halkara kompaniýalar bilen gepleşikleri geçirmek teklip edildi.
- Ýurdumyzyň halkara sergi işini mundan beýläk-de kämilleşdirmäge, Türkmenistanyň öňümizdäki Bütindünýä ýöriteleşdirilen sergilerine ýokary derejede gatnaşmagyny üpjün etmek üçin degişli işleri amala aşyrmaga gönükdirilen degişli resminamalaryň taslamalaryny taýýarlamak bilen bagly teklipler beýan edildi. Şolaryň hatarynda 2027-nji ýylyň 19-njy marty — 26-njy sentýabry aralygynda Ýaponiýanyň Ýokogama şäherinde geçiriljek ekologiýa we tebigaty goramak meselesine bagyşlanan «Green EKSPO — 2027» hem-de 2027-nji ýylyň 15-nji maýy — 15-nji awgusty aralygynda Serbiýa Respublikasynyň Belgrad şäherinde «Oýun adamzat üçin: sport we saz hemmeler üçin» diýen şygar astynda geçiriljek «EKSPO — 2027» Bütindünýä ýöriteleşdirilen sergileri bar.
- Türkmen hünärmenleri üçin sergi-ýarmarka işi boýunça dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň we halkara guramalaryň wekilleri bilen okuw maslahatlaryny guramak, daşary ýurtlardaky okuw merkezlerinde olaryň hünär derejelerini ýokarlandyrmak maksady bilen, 2025 — 2027-nji ýyllar üçin degişli Maksatnamany taýýarlamak teklip edildi.

### Maksat — maglumat elýeterliligini üpjün etmek

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny sanlylaşdyrmak we döwrebap çözgütlere esaslanýan innowasion tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak boýunça işler durmuşa geçirilýär. Hususan-da, Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň degişli Döwlet maksatnamasynda bellenen wezipeleri ýerine ýetirmegiň çäklerinde «Türkmenaragatnaşyk» agentligi tarapyndan pudagara elektron maglumat alyşmak ulgamyny döretmek we işe girizmek, bu ugurda işlejek hünärmenleri taýýarlamak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Bu bolsa maglumatlara elýeterliligi üpjün etmäge, ýurdumyzda elektron hyzmatlaryň sanyny artdyrmaga giň mümkinçilikleri döreder.

* * *

Görnüşi ýaly, Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde milli ykdysadyýetimiziň möhüm ugurlaryny özgertmäge gönükdirilen birnäçe wajyp meselelere seredilip, olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi. Munuň özi ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artdyrylmagynyň, ruhy gymmatlyklara ygrarlylygyň, halkymyzyň rowaçlygynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagynyň, ata Watanymyzyň halkara abraýynyň pugtalandyrylmagynyň hormatly Prezidentimiziň alyp barýan durmuş ugurly syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary bolmagynda galýandygyny ýene bir gezek dabaralandyrdy.

# 2025-nji ÝYL: HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY



## BELENT YNSANPERWER IŞLER DÜNÝÄ ÝAÝYLÝAR

*Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan döwletimizde ýetilýän sepgitler, halkymyzyň taryhyň dowamynda döreden hem-de häzirki döwürde üstünlikli dowam etdirilýän ynsanperwer ýörelgeleri baradaky maglumatlar dünýäniň köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde giňden beýan edilýär. 19-njy aprelde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň ýurdumyza sapar bilen gelen «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň esasy alypbaryjysy Rizwan Hanyň ýolbaşçylygyndaky wekiliýet bilen bolan duşuşygy munuň nobatdaky mysaly boldy. Haýyr-sahawatlylyga gönükdirilen belent işleriň halkara giňişlikde wagyz edilmegi dünýä halklaryny, bütin adamzady parahatçylyga we agzybirlige çagyrýar.*

Ýadyňyzda bolsa, ýakynda Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli, gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewanyň ýolbaşçylyk etmeginde üstünlikli geçirilen «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahat dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenme döretdi. Dürli hyzmatdaş ýurtlar we halkara guramalar bu ugurda özara gatnaşyklary ösdürmäge taýýardyklaryny beýan etdiler. Şeýle maksat bilen, «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň wekilleriniň Arkadag şäherine gaznanyň işi bilen ýakyndan tanyşmak üçin gelmegi ýurdumyzda alnyp barylýan ynsanperwer işleriň dünýä giňişliginde çuňňur gyzyklanma döredýändigini we belent ykrara eýe bolýandygyny görkezýär.

Şoňa görä-de, duşuşykda myhmanlar gaznanyň alyp barýan işleri bilen giňişleýin tanyşdyryldy. Gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde Türkmenistanda üpjün edilen syýasy abadançylygyň, amala aşyrylýan oýlanyşykly ykdysady strategiýanyň ýurtda ähli ugurlar boýunça uly depginli ösüşleri gazanmaga, şol sanda hemaýat-goldawa mätäç çagalara hemmetaraplaýyn kömek bermäge giň mümkinçilikleri döredýändigini nygtady. Bellenilişi ýaly, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy Milli Liderimiziň ynsanperwer başlangyçlary esasynda 4 ýyl mundan ozal döredilip, Türkmenistanda hemaýata mätäç çagalaryň ykbalyna, bagtyýar geljeginiň üpjün edilmegine örän jogapkärli hem-de toplumlaýyn çemeleşilýändigini aýdyň ýüze çykardy. Döwletimiz bu çagalary üns merkezinde saklap, olaryň özüni türkmen jemgyýetiniň doly derejeli agzasy hökmünde duýmaklary üçin ähli mümkinçilikleri döredýär.

Ýeri gelende bellesek, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy dünýä ýurtlarynyň çagalaryna hem ýurdumyzyň adyndan hemaýat bermek işlerini alyp barýar. Bu haýyr-sahawatly işler türkmen halkynyň ynsanperwer ýörelgelerine, däp-dessurlaryna esaslanýar we döwletleriň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň binýadyny has-da berkidýär. Şunuň bilen baglylykda, myhman gaznanyň alyp barýan işleriniň uly sogaplydygyny aýratyn nygtady we onuň işine ýokary baha berdi. Munuň anyk mysaly hökmünde teleýaýlymyň işgärleri haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işleri bilen öz tomaşaçylaryny has giňden tanyşdyrmak üçin gaznanyň wise-prezidentinden interwýu bermegini haýyş etdiler. Şeýlelikde, duşuşykdan soňra, Oguljahan Atabaýewa myhmanlaryň haýyşyna kanagatlanma bilen seslenip, dünýäniň meşhur «Al-Arabiýa» teleýaýlymynyň esasy alypbaryjysy Rizwan Hanyň sowallaryna jogap berdi.

Bir söz bilen aýdanyňda, ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän ynsanperwerlik, haýyr-sahawatlylyk ýörelgeleri esasynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy belent ynsanperwerligiň we ýaş nesil hakyndaky aladanyň aýdyň nusgasy bolup, halkymyzyň haýyr-sahawatlylyk ýörelgelerini dabaralandyrýar.

NESIL

## ÝAŞLAR WE ÝAŞLAR GURAMASY

■ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan «Milli miras — nesillere görelde» atly gepleşigiň täze sany ýazgy edildi. Onuň dowamynda üstümizdäki şanly ýylda durmuşa geçirilýän döwletli işler, milli ýol-ýörelgelerimiz, ösüp gelýän ýaş nesli watansöýüjilik, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemek dogrusynda gyzykly söhbetler edildi.

**Mahym SELIMOWA,**
**TMÝG-niň Merkezi geňeşiniň medeniýet we köpçülikleýin habar beriş bölüminiň baş hünärmeni.**

■ Saçly Dursunowa adyndaky Arkadag şäher lukmançylyk orta hünär okuw mekdebinde türkmen Bitaraplygynyň dünýäde parahatçylygy berkitmekdäki ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen brifing duşuşygy geçirildi. Arkadag şäheriniň Ýaşlar guramasynyň guramagynda geçirilen duşuşykda ýurdumyzyň parahatçylykly syýasatynyň ähmiýeti dogrusynda giňişleýin gürrüň edildi.

**Mämmedaly ORAZALIÝEW,**
**TMÝG-niň Arkadag şäheriniň geňeşiniň esasy hünärmeni.**

■ Sarahs etrabyndaky «Döwletabatgazçykaryş» müdirliginde etrap Ýaşlar guramasynyň guramagynda geçirilen «Sagdyn durmuş — sagdyn jemgyýet» atly duşuşyga ýaş işçi-hünärmenler işjeň gatnaşdylar. Çäräniň dowamynda sport bilen yzygiderli meşgullanmagyň, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegiň ähmiýeti baradaky çykyşlara giň orun berlip, ýaşlarda aýratyn täsir galdyrdy.

**Aýgül ÖDENÝAZOWA,**
**Ahal welaýatynyň Sarahs etrabyndaky «Döwletabatgazçykaryş» müdirliginiň ilkinji Ýaşlar guramasynyň hünärmeni.**

■ Balkan welaýatynyň Bereket etrap Ýaşlar guramasynyň guramagynda etrapdaky 3-nji orta mekdepde «Maşgala mukaddesligi halkymyzyň milli terbiýesiniň gönezligidir» ady bilen wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Duşuşygyň esasy maksady maşgalanyň ynsan durmuşyndaky ornunyň juda uludygyny, onuň ähmiýetini ösüp gelýän ýaş nesillere wagyz etmekden ybarat boldy.

**Döwrandurdy ORAZDURDYÝEW,**
**TMÝG-niň Balkan welaýatynyň Bereket etrap geňeşiniň başlygy.**

■ Boldumsaz etrap Ýaşlar guramasynyň guramagynda etrapdaky 1-nji orta mekdepde «Terbiýe — ahlak kämilliginiň özeni» ady bilen wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Duşuşykda sagdyn durmuş ýörelgelerini doly we dogry berjaý etmegiň ähmiýeti, milli däp-dessurlarymyzyň ýaşlary edep-terbiýeli edip ýetişdirmekdäki orny, bilim ulgamyndaky ýetilen sepgitler barada çykyşlar edildi.

**Parahat SABIROW,**
**TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrap geňeşiniň Gubadag şäher bölümçesiniň baş hünärmeni.**

■ Türkmenabat şäherindäki 39-njy orta mekdepde mugallymlaryň hem-de ýokary synp okuwçylaryň gatnaşmagynda wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Türkmenabat şäher Ýaşlar guramasynyň guramagynda geçirilen çäre «Bitaraplyk ýoly — dünýä nusga göreldämiz» diýlip atlandyryldy hem-de onuň dowamynda türkmen Bitaraplygynyň ähmiýeti dogrusynda täsirli çykyşlar edildi.

**Gülşat ÇARYÝEWA,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäher geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

■ Mary etrap Ýaşlar guramasynyň guramagynda etrapdaky 38-nji orta mekdepde döredilen mekdep muzeýine ýokary synp okuwçylarynyň gezelenji guraldy. «Baý taryhym — milli buýsanjym» diýlip atlandyrylan gezelenjiň dowamynda okuwçy ýaşlar ene-mamalarymyzdan miras galan gadymy el işleri bilen içgin tanyş boldular hem-de şöhratly geçmişimiz dogrusynda pikir alyşdylar.

**Sülgün ATAÝEWA,**
**TMÝG-niň Mary etrap geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**




## PARAHATÇYLYK — ABADANÇYLYGYŇ BINÝADY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

*Täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny mizemez ýörelge edinýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda jemgyýetimiziň durmuşynyň ähli ugurlarynda giň gerimli özgertmeler üstünlikli amala aşyrylýar. Bu bolsa agzybir halkymyzyň bagtyýarlygyny üpjün etmek bilen birlikde, ählumumy parahatçylygy, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmäge mümkinçilik berýär. Milli Liderimiziň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň umumadamzat ähmiýetli beýik işleriniň halkara bileleşiginde giňden goldanylyp, şu ýylymyzyň dünýä derejesinde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi bolsa her birimiziň göwün guşumyzy ganatlandyrýar.*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen türkmen Bitaraplygynyň çuňňur mazmuny bütin dünýäde uly gyzyklanma eýe bolýar. Muňa hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramynyň giňden bellenilýän ýylynda gazanylýan daşary syýasy üstünlikler hem aýdyň şaýatlyk edýär. Ýakynda, has takygy, 21-nji martda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan üçünji gezek kabul edilmegi bagtyýar zamanamyzyň şöhratly taryhyna altyn harplar bilen ýazylan buýsançly waka boldy.

Häzirki wagtda Milli Liderimiziň parasatly başlangyçlary Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilip, ýurdumyzyň halkara abraýy barha belende galýar. Şunda BMG-niň Baş Assambleýasynyň sebitiň ýurtlary, dünýäniň beýleki döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde ýurdumyzyň işjeň ornuny ykrar edýändigi buýsançly hakykatdyr. Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasynyň taýýarlanmagy muňa aýdyň mysaldyr. Bu resminamany Milletler Bileleşiginiň dolulygyna makullamagy bolsa aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Şeýle hem ýakynda, has takygy, 11-nji aprelde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde «BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyny geçirmegiň tertibine goşmaça maglumat» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi möhüm ähmiýetli wakadyr. Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasyndan bu hoş habaryň gelip gowuşmagy ýurdumyzyň öňe sürýän başlangyçlarynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilýändigini we olaryň halkara giňişlikde uly ähmiýete eýedigini tassyklaýar.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýylynda geçirilýän halkara derejeli forumlarda, maslahatlarda hem ata Watanymyzyň köpugurly başlangyçlary, asylly maksatlary özboluşly beýanyny tapýar. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 19-njy martynda paýtagtymyzda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahat munuň aýdyň subutnamasydyr. Milli Liderimiziň halkara forumda eden taryhy çykyşynda belleýşi ýaly, Türkmenistan parahatçylyk we ynanyşmak ideýasyny gönüden-göni ykdysady ösüş bilen baglanyşdyrýar. Şoňa görä-de, şu ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ykdysady hyzmatdaşlyga güýçli itergi bermelidir. Şeýlelikde, bu halkara forum ýurdumyzyň sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen oňyn başlangyçlarynyň halkara derejede ykrar edilýändiginiň nobatdaky beýany boldy.

Ýeri gelende bellesek, sebitara ykdysady hyzmatdaşlyk durnukly ösüşi üpjün etmekde strategik ähmiýete eýedir. Ol söwda, energetika, ulag we ekologiýa ýaly ugurlarda bilelikdäki taslamalary öz içine alýar. Bu ulgamlardaky hyzmatdaşlyk ykdysady ösüşe ýardam bermek bilen birlikde, ýurtlaryň arasyndaky ynanyşmak ýörelgelerini, dialog medeniýetini hem pugtalandyrýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjiligе, dostluga, ynsanperwerlige ýugrulan başlangyçlary bütin dünýäde oňlanylýar.

Bu günki gün türkmen halky Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny zähmet üstünliklerine, taryhy wakalara beslemek bilen, täze sepgitlere tarap ynamly öňe barýar. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda gazanylýan ajaýyp üstünlikler bolsa Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň belent şan-şöhratyny has-da dabaralandyrýar. Goý, ýurdumyzy ösüşleriň röwşen ýoly bilen öňe alyp barýan, ata Watanymyzyň halkara abraýyny belent derejelere göterýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

**Osmanhan GARABAÝEW,**
**«Türkmenistan» awiakompaniýasy» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň hünärmeni.**

# TÜRKMENIŇ DÖWLETLI ÝOLY AK GELJEGE DOWAM BOLSUN!

BUÝSANÇLY KÖNÜLLERIŇ KELAMY

## HALKARA BILIM HYZMATDAŞLYGY:

## abadan geljegiň bähbidine tagallalar




***Bilim we ylym jemgyýetiň ösüşini üpjün edýän gymmatlyklar bolup, bütin adamzadyň abadan geljegini gurmagyň ýol çelgisidir. Şoňa görä-de, häzirki wagtda Türkmenistan döwletimizde bilim ulgamyny yzygiderli ösdürmäge, bilim ýüki we ylym gory ýeterlik nesilleri kemala getirmäge, olaryň ylmy başlangyçlaryny goldamaga, şol sanda bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga aýratyn üns berilýär. Muňa hormatly Prezidentimiziň ýakynda Günüň dogýan ýurdy hasaplanýan, ençeme ýyllardan bäri hoşniýetli hyzmatdaşymyz Ýaponiýa amala aşyran ilkinji saparynyň mysalynda ýene bir ýola aýdyň göz ýetirdik.***

Ilkinji nobatda, dostlukly ýurda saparynyň barşynda döwlet Baştutanymyza Ýaponiýanyň iň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň biri bolan Sukuba uniwersitetiniň hormatly doktory diýen alymlyk derejesiniň berlendigini nygtamak gerek. Ýokary sylag iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygyň, hususan-da, bilim-ylym ulgamlaryndaky gatnaşyklaryň ýokary derejesini tassyklamak bilen, «Beýik işler bilime daýanýar» diýýän döwlet Baştutanymyzyň bu ugurdaky tagallalarynyň belent ykrarnama eýe bolýandygyny görkezdi. Şu ýerde Gahryman Arkadagymyzyň hem bu uniwersitetiň hormatly doktorydygyny bellemek diýseň buýsandyryjydyr.

Kämil bilimli, ylmy gözlegleri alyp barmaga ukyply ýaş nesilleri ýetişdirmek, olaryň dünýä ýaşlary bilen tejribe alyşmaklaryny ýola goýmak her bir kuwwatly döwletiň alyp barýan syýasatynyň hemişe üns merkezinde durýan möhüm meseleleriň hataryndadyr. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň amala aşyran saparynyň barşynda iki ýurduň arasynda gol çekilen 15 resminamanyň 5-siniň bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygy ilerletmäge gönükdirilmegi türkmen-ýapon gatnaşyklarynda bu ugra aýratyn ähmiýet berilýändiginiň netijesidir. Bu resminamalara laýyklykda, iki ýurduň arasyndaky netijeli bilim hyzmatdaşlygy geljekde has-da berkidiler we ilerlediler, täze derejelere çykarylar.

Ýeri gelende bellesek, häzirki wagta çenli türkmen-ýapon medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlarynyň biri bolan bilim ulgamyndaky gatnaşyklaryň baý tejribesi toplandy. Muňa ýurdumyzyň orta we ýokary okuw mekdeplerinde ýapon diliniň öwredilmegi, Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda göni gatnaşyklaryň ýola goýulmagy, hususan-da, geçen ýyllarda Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri instituty, Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti bilen Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda degişli resminamalaryň kabul edilmegi aýdyň mysallardyr. Şeýle-de Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 7-nji aprelinde Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Ýaponiýanyň Sukuba uniwersitetiniň arasynda wodorod energiýasy boýunça bilelikdäki ylmy barlaglar babatda hyzmatdaşlyk etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama göni wideoaragatnaşyk arkaly gol çekildi.

Jemläp aýdanyňda, döwlet Baştutanymyzyň Ýaponiýa amala aşyran ilkinji sapary uly üstünliklere beslenip, iki dostlukly ýurduň dürli ugurlar bilen bir hatarda, bilim ulgamyndaky gatnaşyklary mundan beýläkde netijeli ösdürmek üçin bilelikdäki işleri dowam etdirmäge taýýardygyny görkezdi. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, «Biziň döwrümiz ylmyň hem biliminiň döwri».

**Kakajan ÇARYÝAROW,**
**Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

## Sungatyň jadylaýjy güýji

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde dost-doganlyk gatnaşyklary parahatçylyk söýüjilik ýoly bilen barha ilerledilýär. Şunuň bilen baglylykda, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň şöhratly wakalara beslenýän günlerinde hormatly Prezidentimiziň Ýaponiýada saparda bolmagy taryhy ähmiýete eýedir.***

Ýaponiýanyň Osaka şäherinde dabaraly açylan «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisiniň çäklerinde Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli guralan çärelere döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagy bu iri halkara serginiň ähmiýetine ýokary baha berilýändiginiň subutnamasy boldy. Şunda biz — medeniýet we sungat işgärlerine bu taryhy wakalaryň şaýady bolup, milli aýdym-sazlarymyz bilen çykyş etmek bagty miýesser etdi. Ýapon topragynda ýaňlanan türkmen aýdym-sazlary parahatsöýüji halkymyzyň ruhuna siňen dost-doganlyk, hoşniýetlilik ýaly belent ynsanperwer ýörelgeleriň özboluşly dabaralanmasyna öwrüldi.

Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli guralan bu dabaralarda döredijilik işgärlerimiz tarapyndan guralan çykyşlar dünýäniň dostlukly halklaryndan gelen myhmanlaryň uly gyzyklanmasyna eýe boldy. Sahnada, hususan-da, «Küştdepdi» türkmen aýdymyny we tansyny ýerine ýetirenimizde dostlukly halklaryň milli däp-dessurlarymyza, milli lybaslarymyza bolan gyzyklanmalarynyň örän ýokarydygyna aýdyň göz ýetirdik.

Şu ýerde «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisiniň çäklerinde milli pawilýonymyzda ýerleşdirilen taryhy-medeni gymmatlyklarymyzyň serginiň özboluşly bezegine öwrülendigini aýratyn bellemek gerek. Pawilýonymyzyň owadan desgasy bu halkara gözden geçirilişiň meýdançasyny dürli öwüşginler bilen bezeýär. Bu görnüşler medeniýet we sungat işgärleri hökmünde biziň kalbymyzy has-da joşdurdy. Şunda pawilýonyň birinji gaty, esasan, ýurdumyzyň tebigaty, taryhy, medeniýeti bilen baglydyr. Ol ýerde 3D animasiýa görnüşinde Türkmenistan döwletimiz barada taýýarlanan wideoşekile tomaşa etmek bolýar. Binanyň ikinji gatynda Arkadag şäheriniň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň eksponatlary köpçülige görkezilýär, üçünji gatynda bolsa myhmanlara türkmen milli tagamlary hödürlenilýär.

Şeýlelikde, medeniýet halklary birleşdirýän köpri bolup, medeni diplomatiýa dost-doganlygy pugtalandyrmakda aýratyn ähmiýetlidir. Şu jähetden alanyňda, «EKSPO — 2025» Bütindünýä sergisiniň çäklerinde Türkmenistanyň Milli güni mynasybetli guralan çäreler medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ilerletmekde möhüm esas bolup hyzmat edýär. Türkmen medeniýetini we sungatyny bütin dünýäde dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Goý, parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy elmydama belentde ýaňlansyn!

**Jumamyrat ÇARYÝEW,**
**Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.**



TÜRKMEN BEDEWINIŇ MILLI BAÝRAMYNA

## DÜNÝÄ MEDENIÝETINIŇ GYMMATLYGY

***Täze taryhy döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen milli medeniýetimizi we sungatymyzy ösdürmek hem-de dünýäde giňden wagyz etmek babatda beýik işler durmuşa geçirilýär. Şunda sungatyň dürli ugurlary bilen bir hatarda, milli sirk sungatynyň ösdürilmegine hem möhüm ähmiýet berilýär. Mälim bolşy ýaly, Milli Liderimiziň başlangyjy bilen ýurdumyzda milli sirk sungaty dikeldilip, 2010-njy ýylyň aprelinde Türkmenistanyň Döwlet sirki gaýtadan işläp başlady. Munuň özi häzirki zaman türkmen sirk sungatyny ösdürmegiň ýolunda möhüm tapgyr boldy.***



Bilşimiz ýaly, Milli Liderimiziň Monako Knýazlygynda saparda bolan günlerinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary Monte-Karloda geçirilen halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we beýleki ýörite baýraklara mynasyp boldy. Munuň özi ýurdumyzda sirk sungatyny ösdürmek ugrunda durmuşa geçirilýän işleriň ajaýyp netijesidir. Ýurdumyzyň meşhur toparynyň şeýle abraýly halkara ýaryşda üstünlikli çykyş etmegi milli sirk sungatymyzyň dünýäde ykrar edilýändiginiň belent nyşanydyr.

«Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýerine ýetirýän akrobatika we gimnastika tilsimleri, bedewlere ussatlyk bilen erk edip, at çapmak bilen sungatyň ýokary derejesini görkezýän çykyşlary milli sirk sungatymyzyň özboluşly aýratynlygydyr. Ýeri gelende bellesek, bu topar 2007-nji ýylda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen döredildi. Ýurdumyzyň sirk sungatynyň ösüşinde «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna uly orun degişlidir. Bu topar dünýäniň dürli ýurtlarynda çykyş edip, sirk sungaty boýunça birnäçe abraýly halkara baýraklara mynasyp boldy.

Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryny üstünlikli dowam etdirýän hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň atçylyk pudagyny ösdürmek we milli atşynaslyk däplerimizi dünýä ýaýmak, şol sanda ahalteke bedewleriniň tohum arassalygyny gorap saklamak boýunça yzygiderli işler durmuşa geçirilýär. Köpetdagyň ajaýyp künjeginde «akylly» şäher konsepsiýasy boýunça bina edilen Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň döredilmegi munuň aýdyň mysallarynyň biridir. Şeýle hem bu şäherde halkara ölçeglere laýyk gelýän Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň hereket etmegi, Arkadag şäherinde 1500 tomaşaça niýetlenen Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň bolmagy bu ulgamyň dünýä derejesine çykarylýandygynyň aýdyň güwäsidir.

Gözelligi, ýyndamlygy bilen göreni haýrana goýýan bedewleri seýislemek tutanýerli zähmeti, bilimi, söýgini we zehini talap edýär. Merdana pederlerimiz bu ugurda hyjuwly zähmet çekipdirler. Bedewleriň ajaýyp ahalteke tohumynyň kemala getirilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň «Ahalteke bedewi — biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Gadamy batly bedew», «Atda wepa-da bar, sapada» atly kitaplarynda ýelden ýüwrük bedewler barada gymmatly maglumatlar beýan edilýär.

Ýeri gelende bellesek, ýurdumyzda her ýylyň aprel aýynyň soňky ýekşenbesinde Türkmen bedewiniň milli baýramy ýokary derejede bellenilýär. Häzirki wagtda atçylyk sportuna bolan ünsüň barha ýokarlanmagy, paýtagtymyzda we welaýatlarymyzda atçylyk toplumlarynyň gurlup, olarda gadymy döwürlerden bäri tohumy ýitirilmän gelinýän ahalteke bedewlerimiziň idedilmegi bolsa taryhy däplerimiziň mynasyp dowam etdirilýändigini görkezýär. Şeýle hem Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi ýurdumyzda bedewlere goýulýan sarpadan nyşandyr.

Ýurdumyzda milli atçylyk sungatyny gorap saklamak, öwrenmek we ösdürmek, ýaş nesilleri atçylyk sportuna höweslendirmek, gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bu pudakda netijeli gatnaşyklary giňeltmek boýunça giň gerimli işleri alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Baýramberdi NYÝAZLYÝEW,**
**Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň atly sport, syýahatçylyk we milli at üstündäki oýunlar kafedrasynyň laboranty.**

ÝAŞLAR WE MILLILIK

## ZENAN EDEBI — MAŞGALA MERTEBESI

***Halkymyzyň zenanlara bildirýän hormatynyň çägi ýokdur. Zenany — gyzy, gelni, maşgalasy, enesi hökmünde sylamak türkmeniň asylly edebinden nyşan. Olaryň geýnişi, edep-ekramy, eliniň süýjüligi, il-güne sylaşyklylygy hem sungat derejesine ýetirilen däplerimizdir. Eli işli, mylaýymzada gyzlarymyz öýüň gelşigi, dilinden dür dökülýän, göwnünden gül eçilýän mährem enelerimiz maşgalanyň bereketli saçagynyň eýesi, ojagyň terbiýeçisidir.***

Türkmençilikde: «Enesini gör-de gyzyny al, gyrasyny gör-de — biýzini» diýilýär. Halal ojakda asylly terbiýe alan oglanlardyr gyzlary daşyndan göreniňde, gürrüňdeş bolanyňda, iş salşanyňda, oturyp-turşuny synlanyňda edebinden, gep-sözünden belli bolýar. Gepi-sözi ýerinde, geýnişi göze gelüwli, edep-terbiýeli gyz maşgala köpler höwes edýär, ony gelin edinip, öýüniň törüni bezemegini arzuw edýär. Türkmen zenany diňe bir gözel, owadan geýinmän, eýsem, özüni salykatly alyp barmagy hem başarýar. Owadan geýinmegiň maksady gözellikdir. Geýen egin-eşigini owadan ahlagy bilen bezemek zenanyň baş borjudyr. Milli ýörelgelerimizde asylly zenan utanjaň, salykatly we ar-namysly bolupdyr. Şeýle häsiýetler türkmen jemgyýetiniň iň ýokary ahlak gymmatlylygy bolup, her bir zenana mahsusdyr.

«Gyz-gelin gözelligi» diýlen düşünje ruhy-ahlak gözelligi-de, keşbiň, egin-eşigiň, edebiň, gylyk-häsiýetiň gözelligini-de öz içine alýar. Sözüň hakyky manysynda, gözel bolmak üçin diňe keşbiň görkanalygy ýeterlik bolman, eýsem, tutuş ynsanlyk durkuň owadan bolmagy gerek. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy «Durasyň geler» goşgusynda asylly türkmen gözeliniň ruhy sypatlaryny we gözel keşbini janlandyrypdyr.

**Gözel bardyr, gözellerden zyýada,**
**Onuň hyzmatynda durasyň geler.**



**Edepli, erkanly, mylaýymzada,**
**Tä ölinçäň bile ýöresiň geler.**

Zenan terbiýesiniň gözbaşynda duran gyzlaryň edebi ilkinji orunda bolupdyr. Çünki pederlerimiz gyzlardan gelin, gelinlerden ene ýetişýändigine dogry düşünipdirler. Şonuň üçin gyzlary kiçiliginden zähmete ugrukdyryp, töwerek-daşyny söýmegi, uly-kiçä mähirli bolmagy ündäpdirler. Pederlerimiz gyzlary «gözele», gelinleri «baýdaga», eneleri «Käbä» deňäp söýüpdirler. Olary agyr işden, durmuşda gabat gelýän kynçylyklardan goramaga, aýamaga çalşypdyrlar.

Türkmenlerde maşgala aladasy birjik-de ünsden düşürilmändir. «Gorkut ata», «Görogly», «Kowusnama» ýaly terbiýeçilik ähmiýeti bolan ajaýyp kitaplary okanyňda, oňa magat göz ýetirýärsiň. Maşgala agzybirligi, çaga terbiýesi hakynda Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynda hem giňden beýan edilýär. Bu mysallar, bir tarapdan, halkymyzyň terbiýe mekdebiniň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýandygyny görkezse, ikinji bir tarapdan, ata-babalarymyzyň maşgala baradaky taglymatlarynyň ölmez-ýitmezligini subut edýär.

Aristotel: «Estetik gözellik zenanyň kalbyndan önýän duýgy, muny iýmitlendirmek diňe ynsaba we ýürege bagly» diýip belläpdir. Türkmen zenanlary terbiýäniň ilkinji başlangyjy hökmünde sylag-hormaty we utanç-haýany belentde goýýarlar. Bu häsiýetleri bolsa uzyn ýeňli, uzyn etekli köýnekleri geýmek, seýkin ýöremek, her bir hereketinde ejaplylyk arkaly mälim edýärler. Mysal üçin, gelin gelen öýünde hyzmaty, zähmeti, sylaşygy, häsiýeti, ejaby arkaly özüni syladýar. Bu bolsa milliligimiziň iň ajaýyp ýörelgeleri hasaplanýar. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmen medeniýeti» atly ajaýyp kitabynda: «Türkmen zenany eli çeperligiň, kalby joşgunlylygyň, ýüregi mähir-muhabbetliligiň, nusgawy edep-ekramyň mekdebidir» diýip bellemegi hem ýöne ýere däldir. Sebäbi islendik halkyň, milletiň ýüzüniň tuwagy edepli gelin-gyzlardyr.

Terbiýeli nesil jemgyýetde maşgala gatnaşyklarynyň berk hem kämil bolmagyna oňyn täsirini ýetirýär. Çünki perzent adamzadyň ýagty geljegidir. Nesillerimiziň okamagy, öwrenmegi, döretmegi, hemmetaraplaýyn kämil hünärmenler, şeýle-de asylly, edepli, ilhalar adamlar bolup ýetişmekleri üçin ajaýyp mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

**Meretgül BEGDURDYÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki Ata Gowşudow adyndaky 125-nji orta mekdebiň ýokary derejeli himiýa mugallymy.**

# Nowça



SIZIŇ DEŇ-DUŞUŇYZ

## AÝDYMLY DÜNÝÄNIŇ AŞYGY

***Suratyny synlaýan deň-duşuňyzyň adyna Meýlis diýýärler. Ol — aýdymyň çyn aşygy. Aýdym — onuň üçin uly dünýä. Sazy duýup bilşi, owazyna maýyl bolup, ses goşup, aýdyma hiňlenişi bu ugurdan ukyp-başarnygynyň ýokarydygyny görkezýär.***



Ol — Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 25-nji orta mekdebiň 6-njy synp okuwçysy Meýlis Atamyradow. Heniz körpejekä telewizorda ýa radioda aýdymdyr saz ýaňlandygy üns bilen diňleýän oglanjyk çagalar bagynda hem aýdym aýdardy. Mekdebe gatnap ugrandan soň bolsa höwesi has-da artdy. Mugallymlarydyr deň-duşlary, tutuş maşgalasy öwrenýän täze-täze aýdymlarynyň ilkinji diňleýjileri boldular.

Meýlisiň kakasy Myrat aga hem, ejesi Sähra gelneje hem mugallym. Ol edebiýat, taryh, matematika sapaklaryny aýratyn gowy görýär. Mugallymlar maşgalasynda terbiýelenýän oglanjygyň aýdymçy bolmak islegine hem hiç kim garşy bolmady. Gaýtam, ony goldadylar, her bir üstünligine guwandylar. Şeýle bolsa-da, Meýlis geljekde lukman bolmagy arzuw edýär.

Aýdymly dünýä aşyk Meýlis Daşoguz şäher Medeniýet merkeziniň çagalar we ýetginjekler öýünde hereket edýän ýörite gurnaga gatnap, yzygiderli kämilleşýär. Welaýat derejesindäki dürli dabaralarda aýdym aýdýar. Onuň aýdymlary «Türkmen owazy» teleýaýlymynda hem häli-şindi ýaňlanyp dur. Elbetde, çyn yhlaslar ýele sowrulmaýar. Şunda Meýlisiň gazanan üstünliklerini belläp geçmek gerek. Ol heniz 4-nji synpdaka okuwçy oglanlaryň arasynda geçirilmegi däbe öwrülen «Merdana nesil — 2022» atly şadyýan bäsleşigiň döwlet tapgyrynda 1-nji orna mynasyp boldy. Ýene-de şol ýylda ýaş alypbaryjylaryň bäsleşiginiň welaýat tapgyrynda dogany bilen bilelikde 3-nji orny eýelediler.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly Meýlis üçin turuwbaşdan uly şatlyga beslenip geldi. Ýylyň ilkinji günlerinde Gulbaba adyndaky Çagalar baýragyna mynasyp bolmagy onuň aýdym-saz sungatyna bolan söýgüsini has-da artdyrdy. Halypalary Tirkiş Baýramow hem-de Jeren Gulnazarowa bu üstünlikleriň başlangyçdygyna, geljekde has uly ýeňişleriň garaşýandygyna pugta ynanyp, oglanjyga: «Irginsiz türgenleşik kämilleşdirýändir!» diýip, maslahatlaryny gaýgyrmaýarlar.

— Eziz Watanymyza, merdana halkymyza bolan söýgimi, bagtyýar döwrümizi aýdym-sazlaryň üsti bilen belentden wasp etmegi gowy görýän. Munuň üçin her gün aýdym aýdýan, saz çalýan, halypalary diňleýän. Biziň döwrebap bilim almagymyz, ukyp-başarnyklarymyzy kämilleşdirmegimiz üçin ähli şertler döredilýär. Bularyň ählisi üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlarymyzy aýdýarys — diýip, körpe aýdymçy ýürek buýsanjyny beýan edýär. Biz bolsa oňa göwün beren sungat ýolunda ak arzuwlarynyň hasyl bolmagyny tüýs ýürekden arzuw edýäris.

NESIL

KIM BOLASYŇ GELÝÄR?

## ÇEMPION BOLASYM GELÝÄR



Sport — saglyk, sport — ruhubelentlik, sport — gözellik. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, bedenterbiýe we sport döredijilik başlangyçlaryny, maksada okgunlylygy höweslendirýän sagdynlygyň hem gujur-gaýratyň çeşmesidir. Şoňa görä-de, men hem kiçilikden bäri sportuň sambo, dzýudo ýaly görnüşleri bilen meşgullanyp, dürli ýaryşlara gatnaşýaryn. Tälimçi, wagtynda sportuň sambo görnüşi boýunça dünýä we yklym bäsleşikleriniň çempiony, ussat türgen Kerim Allanurowdan tälim almagym saýlan sport görnüşlerimiň ähli emellerini inçeligi bilen öwrenmegime ýardam berdi.

Iň uly maksadym — dünýä çempiony bolmak. Bu maksadyma ýetmek üçin hem okuwymdan boş wagtlarym saýlan sport görnüşim boýunça yzygiderli türgenleşik geçýärin. Bu özüniň netijesini hem berýär. Şunda 2024-nji ýylda Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň 4-nji sport mekdebinde 2010-2011-nji ýyllarda doglan ýetginjekleriň arasynda geçirilen ýurdumyzyň açyk birinjiliginde sportuň sambo görnüşi boýunça 55 kilogram agramda çykyş edip, 1-nji orny eýeländigimi buýsanç bilen belläsim gelýär. Mundan başga-da, geçen ýyl Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýan mekdebi tarapyndan geçirilen ýurdumyzyň ýetginjekleriniň arasyndaky açyk birinjiliginde-de 1-nji orna mynasyp boldum.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyz hem turuwbaşdan üstünliklere beslenýär. Ýakynda bolsa Aşgabat şäheriniň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň 1-nji sport mekdebinde 2011-2012-nji ýyllarda doglan ýetginjekleriň arasynda geçirilen ýurdumyzyň açyk birinjiliginde sportuň sambo görnüşi boýunça 58 kilogram agramda çykyş edip, 1-nji orny eýeledim. Bu üstünliklerim, meni ýene täze ýeňişlere ruhlandyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen ýurdumyzda sportuň ähli görnüşleri bilen meşgullanmak üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Şol mümkinçiliklerden peýdalanyp, diňe bir sportuň sambo görnüşi bilen däl, eýsem, dzýudo, erkin göreş ýaly ugurlarda hem başarnygymy synap görýärin. Hatda deň-duşlarymyň arasynda birnäçe baýrakly orunlary hem eýeledim. Sportuň bu ugurlarynyň ählisinde hem dünýä arenalarynda çykyş edip, ýaşyl tugumyzy belentden parlatmak isleýärin. Häzirki wagtda bolsa tejribeli tälimçiler Dörtguly Tejenow, Tejen Tejenow, Kerim Allanurow ýaly ussatlardan tälim alyp, halkara ýaryşlara taýýarlanýaryn.

Bedenterbiýäni we sporty ösdürmek babatda ähli döwrebap şertleri döredip berýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Aly DURDYÝEW,**
**Aşgabat şäherindäki 33-nji orta mekdebiň 8-nji synp okuwçysy.**

## GANATLY

**(HEKAÝA)**

Indi näçe gündür Sapar aganyň at ýatagynyň töwereginde saryýagyzja, gulajyklary pakgaryp duran, çepiksije nätanyş oglanjyk peýda boldy. Ezýaka köýnekli oglanjygyň bedew ata bolan söýgüsi gözlerinde buldurap duransoň, garry seýis oňa gaty-gaýrym sözem aýdyp durmady. Sebäbi bu oglanjygyň beýleki garagol çagalara meňzemeýänligi onuň özüni alyp barşynda-da açyk duýulýardy.

Ol her gün irden gelýär, tä Gün günorta bolýança-da at ýatagyň töwereginden aýrylmaýar. Sapaklary öýlän başlaýan bolarly, ikindinara ýene ýantorbasyny omzundan asyp, at ýatagyň ýanyndaky oýtam köçäniň ugrunda durandyr. Goja seýsiň bu oglana her gün nazarynyň düşmesi oňa öz oglan döwürlerini ýatladýardy.

Sapar aga-da mundan 40 ýyl ozal, edil şu oglanjyk ýaly, at ýatagyň töwereginde janserekdi. Eýsem näme, türkmen agaň bedew ata bolan söýgüsi onuň ganynda bar ahyry! Oglanjyga gaty-gaýrym söz aýtmasa-da, seýsiň ýüzi biraz agrasrak bolansoň, onuň bilen içgin sözleşibermeýärdi. Ýogsa oglanjygyň nazarynda birgiden jogapsyz sowallaryň bardygyny garry seýis duýmanam duranokdy. Oglanjyk bolsa her gün sessiz gelip, sessizem yzyna köwlenerdi.



Bir günem at ýatagyň töwereginde köwejekläp aýlandy durdy. Bir elindäki kitaba seredýär, bir atlara seredýär. Aýlana-aýlana gözleýän zadyny tapmadyk bolara çemli, ahyry garry seýsiň ýanyna geldi-de, salam berdi. Soňra elindäki Göroglynyň kitabyndaky suraty görkezdi-de:

— Daýy, hany bularyň ganatlysy? Ýa olar başga ýatakda saklanýardymy? — diýip, garaşylmadyk sowaly orta oklaýdy.

Sapar aganyň ýüzüne ýagtylyk çaýyldy. Hakydasynda birnäçe ýyl mundan ozal seýsiň hut özüniňem şu sorag bilen at ýataga gelendigi ýadyna düşdi. Nazary bilen oglanjygy boýdan-başa synlady-da, adyny sorady. Adynyň Röwşendigini aýdan oglan elindäki kitabyň ýüzüni sypalap, gussaly gözlerini atlara öwürdi. Sapar aga Röwşeniň ýanyna bardy, gataňsy aýalary bilen saçlaryny sypalamaga durdy. Soňra söze başlady:

— Oglum, bu atlaryň ganatsyzy ýok. Ýöne olaryň ganaty hemmelere görünmeýär.

— Size görünýärmi, daýy, olaryň ganaty?

— Elbetde. Men hut şol ganatlaryň aşygy bolamsoň, ömrümi bedew atlara bagyşladym.

Içerki at ýatakdan tüweleý ýaly okdurylyp çykan jahyl ýigidiň gohy Röwşen bilen Sapar seýsiň gürrüňine nokat goýdy. Başyndaky başgabyny ýokaryk zyňyp, towsaklap duran ýigit gygyrmaga durdy: «Sapar aga, buşluk! Söýünji! Söýünji! Sapar aga, buşluk!».

Sapar aga içerki ýataga bakan ylgady. Nämäniň nämedigine düşünmedik oglanjyk näderini bilmän kürtdürip durşuna, garry seýsiň yzy bilen ýataga girdi. Ýaňy dünýä gelen taýy sypalap duran Sapar aga:

— Tüweleme, Röwşen jan, seň-ä aýagyň düşäýdi, biziň athanamyzda ýene-de bir düzgün bar. Eger-de myhman gelende atyň gulanlasa, taýçanagyň adyny myhman saýlaýar. Aýt hany, oglum, biz muňa näme at dakarys?

Oglan geňgalyjylyk bilen taýyň ýanyna bardy, ony emaý bilen sypalamaga durdy. Garry seýis unudylan soragyny gaýtalady.

— Ýeri-how, Röwşen, taýyňa näme at goýarsyň?

Oglanjyk taýy sypalap durşuna pyşyrdady:

— Ganatly!..

**Nurýagdy NURÝAGDYÝEW,**
**Ahal welaýatynyň Bäherden etrabyndaky 10-njy orta mekdebiň mugallymy.**

## SIZI BULAR GYZYKLANDYRÝARMY?



### Älemiň merkezi nirede?



Hemme ýerde. Älem, bilermenleriň aýtmagyna görä, takmynan, 13,8 milliard ýyl ozal bolan uly partlamada döredi we şondan bäri giňäp gelýär. Bu giňelişiň merkezi hemme ýerde. Älemiň nirede ýerleşýändigine garamazdan, hemme zadyň şol bir tizlikde giňelýändigini ýa-da daşlaşýandygyny duýmak mümkin. Älemi şar hökmünde, özümizi bolsa sferik şarda köp nokatlaryň biri hökmünde göz öňüne getirsek, şar ulaldygyça, beýleki nokatlar bizden daşlaşar. Aslynda, her nokat bir-birinden şol bir tizlikde daşlaşýar. Haýsy nokady görkezýändigiňize garamazdan, giňelýän topuň merkezinde ýaly görnersiňiz. Şol bir zat üç ölçegli giňişlikde bolup geçýär.

### Aýna haýsy reňkde?



Ýaşyl. Adamlar 10 milliondan gowrak dürli reňkleri tapawutlandyryp bilýärler, ýöne aýnanyň ak ýa-da kümüşsöw däldigini göz öňüne getirmek kyn. Aýna ähli şekilleri göni tersine serpikdirýär. Şu nukdaýnazardan, aýnalary biri-birine garşy goýsak, olar öz-özlerini serpikdirip başlarlar we her täze şöhlelenmede ýaşyl öwüşgine eýe bolarlar.

### Faýllar nirä gidýär?



Haçan-da faýly pozanyňyzda, ony gaty diskdäki täze salga ugradýarsyňyz. Şol sebäpli kompýuter pozulan faýlyň ýerini boş görkezýär. Faýllar bolsa sifrlenen maglumatlar binýadyna (binary digit) göçürilýär. Uly faýllar, köplenç, birnäçe ýerde saklanýar. Şeýlelikde, faýl hiç wagt ýok bolmaýar. Şonuň üçin pozulan faýllary dikeltmek hem mümkindir. Şunda ýörite programmalar (FileRecovery) ulanylýar.

### Arylar reňkleri saýgaryp bilýärlermi?



Arylar hem adamlar ýaly gözi bilen görýärler, ýöne olaryň gözi başgaça görýär. Adatça, arylarda 3 sany kiçi, 2 sany uly göz bolýar. Uly gözler şekilleri, hereketleri we käbir reňkleri görmäge ýardam berýär, kiçi gözler bolsa ýagtylygyň derejesini, ugruny, şeýle hem deňagramlylygy saklamaga täsir edýär. Alymlaryň geçiren barlaglaryna görä, arylaryň uly gözleri gök, sary we belli bir derejede ýaşyl reňkleri görmäge ukyplydyrlar. Gyzyl reňk bolsa olar üçin garamtyl görnüşde görünýär. Arylaryň reňkleri görüp bilmegi gülleri tapmakda we ugur kesgitlemekde möhüm orna eýedir.

ŞYGRYÝETDÄKI ILKINJI ÄDIMLER

### BAHARDA

Ýaşyl meýdanlar
Beslenip güle,
Şatlyk paýlaýar
Bagtyýar ile.

Baglar enaýy
Güller açypdyr.
Anbar ysyny
Çar ýan saçyp dur.

Ganatyn kakyp,
Uçýar kebelek,
Hanha, jyklap dur,
Akja kömelek.

Jümjümelerden
Ter çemen bogdum.
Ejem jana men
Gül sowgat berdim.

### ÄLEMGOŞAR

Asmanda älemgoşar
Şöhlesin seçeläp dur.
Sary, mawy, gülgüne...
Reňklerin eçilip dur.

Her kim öz halan reňkin
Saýlap alýar içinden.
«Ýaşylmy ýa gök seňki?»
Soralýar her geçenden.

Men saýladym ýaşylyn,
Onda ýazyň keşbi bar.
Görseň, göwnüň galkynýar,
Jümle-jahan gül-gülzar.

**Merjen UMAROWA,**
**Lebap welaýatynyň Kerki şäherindäki 2-nji orta mekdebiň okuwçysy.**

**ABUNA — 2025**

**HORMATLY OKYJYLAR!**

2025-nji ýylyň ikinji ýarymy üçin «Nesil» gazetiniň çap edilýän görnüşine abuna ýazylyşygyň başlanandygyny habar berýäris. Gazetimiziň kagyz görnüşine abuna ýazylmak üçin «Türkmenpoçta» poçta aragatnaşyk kompaniýasynyň bölümlerine ýüz tutup bilersiňiz. «Nesil» gazetiniň kagyz görnüşi üçin abuna ýazylmagyň alty aýlygynyň bahasy 15 manat 90 teňňe.

Habarlaşmak üçin telefon belgileri:
93-17-36, 93-01-55, 93-28-55, 93-11-96.

«Nesil» gazetine iki görnüşde – çap edilýän hem-de elektron görnüşdäki neşirler boýunça ýazylyp bilersiňiz. Gazetimiziň elektron görnüşine «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasyndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan «Merkezi gazet-žurnallar we welaýat gazetleri» bukjasyndan ýazylyp bolýandygyny ýatladýarys.

Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:
38-61-57, 39-95-27.



Sahypany taýýarlan Atamyrat ÝAZWELIÝEW, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby, «Nesil».

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
BAŞ REDAKTOR ARTYKGULY HOJABERDIÝEW

NESIL
E-mail: nesil-gazeti@sanly.tm

TELEFONLAR: JOGAPKÄR KÄTIP – 39-96-49. KABULHANA – 38-61-57, 38-61-86 (FAKS), BÖLÜMLER: 39-95-26, 39-96-35, 39-96-36, 39-96-37.
BIZIŇ SALGYMYZ: 744604, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, TÜRKMENBAŞYNYŇ ERKIN DÖREDIJILIK MEKANY. «Nesil» gazetiniň redaksiýasy. Belgisi 69454.
GAZETIŇ DÖREDILEN SENESI: 02.01.1992 ý. Gazet sişenbe hem şenbe günleri çykýar. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.
Nusgasy 12.000. A – 116170. Möçberi 4 sahypa. Bahasy 30 teňňe. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy.
Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Olaryň telefony – 39-95-36.
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

4833001500059

